***Ýurdumyzda bagtyýar çagalaryň berk bedenli, sagdyn ruhly bolmaklaryny gazanmakda netijeli işler alnyp barylýar. Tomusky dynç alyş döwründe çagalar baglarynda körpeleriň aň we beden taýdan sagdyn ösüşini ýola goýmak işi utgaşykly alnyp barylýar. Şunda çagalar bakja-bagymyzyň terbiýeçileri «Mekdebe çenli çagalar edaralarynda tomus sagaldyş möwsüminde geçirilýän gyzyklanma çäreleriniň mysaly tertibine» esaslanyp, ýörite meýilnama esasynda iş alyp barýarlar.***

Tomus paslynda geçirilýän işler taplama çäreleri bilen utgaşykly alnyp barylýar. Bu işleri talabalaýyk we göwnejaý guramakda biziň çagalar bakja-bagymyzda öňünden taýýarlyk işleri görüldi. Körpeleriň açyk howada gezelenç etmekleri üçin ýörite meýdançalar taýýarlanyldy. Günüň birinji ýarymynda toparlarda irki maşklar, irki gezelençler, gyzyklanma çäreleri geçirilýär.

Tomusky sagaldyş möwsüminiň has netijeli bolmagyny gazanmak maksady bilen, biziň çagalar bakja-bagymyzyň terbiýeçi-usulçylary dürli çäreleri guraýarlar. Şoňa laýyklykda, körpeler bilen guralýan «Hereketli oýunlar», «Gyzyklanma çäreleri», «Aýdym-sazly göwnaçmalar», «Duýgulary ösdürmek üçin öwrediji oýunlar» çagalaryň duýgularyny ösdürip, kämilleşdirmäge gönükdirilendir. Umuman, çagalar bakja-bagymyzda geçirilýän gyzyklanma çäreleri körpejelerde ýakymly ýatlamalary galdyrýar.

**Aýperi NURYŞOWA,**
**Daşoguz şäheriniň 31-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.**

Все права защищены

save pdf date >>> 05.12.2025